# Näzenin tilki

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Näzenin tilki NÄZENIN TILKI

*Allegorik degişme*

Tanaýaryn bir näzenin tilkini,
Ol örän eýjejik, owadan tilki.
Eger ýolda-yzda gabat gelseňiz,
Meniň sözlerimiň rastdygna belki,
Özüňizem magat göz ýetirsiňiz,
Üst-başy uçursyz tämizdir-tämiz!
Beýle tämizligi men-ä görmändim,
Aý ýok, sizem gören dälsiňiz heniz!

Ýöreýşi-de degýär onlarça tilkä,
Keseden syn etseň gadam urşuna.
Ýerin gaýmagyny bozman barýandyr,
Sallanjyrap näz-kereşme durşuna!
Salamlaşýar gabagyny galdyrman,
Ol hemmä mähriban, ol hemmä eziz,
Men-ä beýle asyllylyk görmändim,
Aý ýok, sizem gören dälsiňiz heniz!

Assa basyp geçip giden ýerinden
Günuzyn aýrylmaz atyryň ysy.
Göriplikden ýaňa ony górende
Dodak çöwürýärler tilkileň käsi.
Gelişjek ol kaşaň-kaşaň köşklere,
Has gelişjek berseň ýanyna keniz.
Beýle tämizligi men-ä görmändim,
Aý ýok, sizem gören dälsiňiz heniz!

Bolmaz diýleni çyn bir kemsiz gözel,
Wah, nätjek-dä, bir ýetmezi bar onuň.
Diýsem dili bilen söýýän ýigidiň:

«Şeýle aldawçy ol däl çakyñ-çeniñ!
Erte-erte diýip, aldap ýörmänjik,
Razylygyn berse, toý tutmakçy tiz!
Beýle aldawçyny men-ä görmändim,
Aý, ýok, sizem gören dälsiñiz heniz!»

Hemra ŞIROW. Goşgular